# Palestina doga, Ysraýyla ýarag kömegi

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Palestina doga, Ysraýyla ýarag kömegi PALESTINA DOGA, YSRAÝYLA ÝARAG KÖMEGI




Gazada çaksyz uly dramatiki wakalaryň başlan 7-nji oktýabryndan bäri dünýä aýak üstünde.
Ysraýylyň çäklendirilmedik güýç ulanyp, Gazany bombalamagy, çaga diýmän, garry diýmän, ýaş diýmän uçdantutma gyrmagy bütin dünýäde nägileliklerиň döremegine sebäp bolýar. Emma iş sanksiýalara gezek gelende welin, bütin dünýä agzyna suw alan ýaly dymýar. Türkiýede-de ýagdaý şondan üýtgeşik däl. Gury gep bilen adam güýmemekden başga bilýän zatlary ýok.
Häkimiýet halkyň iň näzik ýerinden urup, «şehit edebiýatyny» agitirleýär.
Sanksiýa meselesi birem agzalmaýşy ýaly, munuň üstesine Ysraýyla «kömek» hasap edip boljak söwda gyzgalaňly dowam edýär.
Men eýýäm birnäçe gün bäri mawy ekranda we YouToбe-de edýän çykyşlarymda bu ýagdaýy agzap gelýärin. Emma palestin halkyna berýän goldawyny ýollara «Coca Cola» dökmekden aňry geçirip bilmeýänler ýa-ha bu söwdanyň dowam edýänine ynananoklar ýa-da «Näme etjek, söwda başga gürrüň, döwletiň näme etjek zady bar» diýip, çöpe-çalama urýan sözleri bilen özlerini aklamaga

synanyşýarlar. Birem «Ýalan sözleýärsiñ, hany subutnamañ barmy?» diýýän kellesizlerem bar.




Ýogsam bolmasa, aýdýan zatlarymyzyñ hemmesi «elýeterli maglumatlar» diýilýän, okamaga-ýazmaga hemmeleriñ añsat tapyp biljek maglumatlaryndan düzülýär.

Bu boýunça iñ gowy işi žurnalist Metin Jihan alyp barýar. Ol ýadaman-ýaltanman birnäçe gün bäri Türkiýeden ýüklenýän we Ysraýyl portlaryna gidýän gämileri «elýeterli maglumatlardan» peýdalanmak arkaly synlaýar.

Metin Jihan geçen hepde tussag astyna alyndy, halkyñ añyny bulaşdyrýan maglumat bermekde aýyplanyp jogapkärçilige

çekildi, soňam boşadyldy. Çünki ortada hiç hili düzgün bozulma ýok, halkyň aňyny bulaşdyrmak ýok, diňe hakykat bar.
Ilkibaşda Ysraýyla gidýän gämileriň ýükleriniň doly sanawyny tapyp bilemzokdyk. Indi harytlaryň sanawy-da elýeterli. Hem täsin, hem aýyp, Ysraýyla gidýän gämilerde ýarag öndürmekde ulanylýan käbir şaýlaram bar.
Žurnalist Metin Jihan düýn 7-nji oktýabrdan bäri dowam edip gelýän söwdanyň dökümini we gelen netijelerini ýazypdyr.




Geliň, indi bolsa, bu bandalary bilelikde okalyň:
Soňky üç hepdede hemmämiziň gözüniň alnynda Ysraýyla barýan ýükleri öwrendim we nobaty bilen şulary öwrendim:

– Söwda agsamazdan dowam edýär;
– Ýüzlerçe gämi ýüz müñlerçe tonna ýük daşaýar;
– Howa ýollary arkaly ýük reýsleri-de gündelik dowam edip dur;
– «Hüdapar» partiýasynyñ ýolbaşçylary Ysraýyla yzygiderli ýük daşaýan kompaniýanyñ aşygyny alçy gopdurýar;
– AK partiýanyñ etrap bölüminiñ başlygy gämiler bilen dowamly ýük daşaýar;
– «Uly bileleşik» (BBP) partiýasynyñ başlygy dowamly ýük daşaýar;
– Burak Erdogan (Erdoganyñ ogly) Ysraýyla ýük daşaýar;
– Erkam Ýyldyrym (öñki premýer-ministr we Mejlisiñ öñki başlygy Binaly Ýyldyrymyñ ogly) Ysraýyla ýük daşaýar;
– AK partiýanyñ deputaty hem ýük daşaýar, hem önümçilik ussahanasynda ysraýyl tankerine hyzmat edýär;
– Bütin bularyñ barsy Ysraýyl Gazany bombalap ýörkä bolup geçýär;
– Boýkot etmäge çagyrýan AKP-liler bular ýaly söwdany bolaýmaly zat ýaly kabul edýär;
– Ysraýyl esgerine belýo ýollaýarys;
– Ysraýylyñ polat üpjünçiligini Garaşsyz senagatçylar we işewürler jemgyýetiniñ (MÜSIAD) agzasy «İçdaş» firmasy üpjün edýär.
Gepiñ keltesi, Palestina üçin-ä doga-dileg edýäris, bir ýandanam Ysraýylyñ güýçden gaçmazlygyny üpjün edýän goldawy berýän ýurtlaryñ biri bolmagynda galýarys.
Jan ATAKLY.

«KORKUSUZ» gazeti, 07.12.2023 ý. Publisistika